# Şygryýet melekleri / makalajyklar toplumy – Şeýha binti Ahmet bin Aly al-Mahmud

Category: Goşgular,Kitapcy,Şygryýet melekleri
написано kitapcy | 24 января, 2025
Şygryýet melekleri / makalajyklar toplumy – Şeýha binti Ahmet bin Aly al-Mahmud ŞEÝHA BINTI AHMET BIN ALY AL-MAHMUD

Katarly arap zenan-şahyrasy Şeýha binti Ahmet bin Aly Al-Mahmud (arap. شيخة بنت أحمد بن علي المحمود). Kataryñ ilkinji zenan bilim ministri (2003-2009).
Diplomat we syýasatçy Ahmet bin Abdylla Al-Mahmudyñ gyzy Şeýha arap edebiýaty boýunça bakalawrlygy tamamlady. Zähmet karýerasyna 1970-nji ýylda mekdepde mugallym bolup başlady. Mugallym bolup işlän döwri ýokary guramaçylykly-metodiki işleri üçin ýokary baha mynasyp bolýar.
1996-njy ýylda Kataryñ bilim ministriniñ orunbasarynyñ kömekçisi wezipesine bellenýär. Ol bu wezipä bellenen ilkinji zenandyr. Şol bir wagtyñ özünde ol ministrligiñ medeniýet we sungat boýunça sekretarynyñ orunbasary wezipesinde-de işleýär.
2003-nji ýylyñ maýynda Kataryñ emiri Hamad bin Halif Al-Tani ony bilim ministri wezipesine belleýär. Ol ilkinji zenan ministrleriñ biri hökmünde Kataryñ taryhynda birinji, Pars aýlagy sebitiniñ taryhynda ikinji ýolbaşçy boldy.
Şeýha Al-Mahmud 2020-nji ýylyñ 29-njy ýanwarynda bimahal aradan çykdy.
Şahyra zenan yzynda ýüzlerçe ajaýyp şygyry miras goýup gitdi. Onuñ goşgularyna katar teleýaýlymynyñ YouTube sahypasynda giñden orun berilen. Şeýhanyñ goşgularynda terbiýeçilik, söýgi, watany we halkyñy söýmek temalary örboýuna galýar. Onuñ iñ gowy goşgulary «Men seni söýýärin, Katar!»( «إني أحبك يا قطر» / «Я люблю тебя, Катар») ýygyndysynda jemlenendir.

Çeşme: wikipediýa. Şygryýet melekleri